# Tebigylyk

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Tebigylyk TEBIGYLYK

Bahar gelse baýyrlaram gül açyp,
Lälelerin depelemäň, adamlar!
Gök çaýyrda otursaňyz göwün açyp,
Ýüpek ýüzün apallamaň, adamlar!

Aýnaňyza kepderiler gonanda,
Assa ädiň öý içinde ädimi!
Bulut oýnap, ýere ýagmyr ýaganda,
Durup- durup diňläň şirin aýdymy!

Güneş gülüp ýüzüňizden öpende,
Saýawana busurylman açylyň,
Sahy boluň, özüňizi her pursat
Hem güneşe, hem aňzaga eçiliň!

Goý, hemişe şol päkize tebigat,
Durky bilen durlap dursun ýüregmiz,
Kalbymyza zerre galplyk girmesin,
Ýitmesin, ýitmesin, tebigylygmyz!

Annaberdi AGABAÝEW. Goşgular